# Hatyra goşgusy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Hatyra goşgusy HATYRA GOŞGUSY

*S.Gurbanowa*

Birden-birden ýürek düşýär howsala;
Tanyşlar gidipdir, dostlar gidipdir,
Ýalanlar gidipdir, rastlar gidipdir…

«Gel, obamyň lälesini» joş alyp,
Aýdan gyzyň gulagymda owazy.
Birehim bolsa-da wagt diýeniň,
Ýüzümi ýelpedi ýaşlyk howasy.

Men ajy habary eşidip munda,
Misli bir düşekde ýatan hassadym.
Wagt hem birehim, hem rehimdardy,
Neneň-niçik egsip bolar hasratyň?!

Ýöne gulaklardan gitmez owazy,
Ondan bäri ýarym asyr geçipdir.
Çünki ýaşlygymyz ýatyr aýdymda,
(Ýaşlyk weli bizi taşlap gaçypdyr).
Göz öňümde aýdym aýdan pursaty,
Gussa gaplap aldy birden gursagy…

«Gel, obamyň lälesini» aýdanlar
Bir ýa iki däldi, olar agdykdy.
Annaberdi Atdan, Güljan, Aýdogdy…
Ony ilki aýdan Myrat Sadykdy.

Sogrulyp-sogrulyp gitdiler olar,
Indem Sonagülüň nobaty eken.
«Obamyň lälesi» ýetim galypdyr,
Olary ýatladym ýekänme-ýekän,
Hoş, alçak gyz, hoş, bälçik gyz, hoş, uýam.